# Soňky düýş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Soňky düýş SOŇKY DÜÝŞ

Bir jadygöýdi.
Göz bilen gaşyň arasyndan
Jorapjyk örerdi çagajyklarna
Aýazly tünekde
Egnindäki sary giden
Köýneginiň sapagyndan.
Bir pingwinler üşemeýär, bilýärin,
Doňup ýatan materikde,
Birem ol.

Sungatyň ussadydy.
Hyýal sahnasyndaky ýyldyzlara haýrandy,
Her kes.
Men bolsam oňa…
Bagtyýar enäň rolun oýnady
Ömrüboýuna.
Ne ýüzünde
Ne ýüreginde ýazy bolmadyk bir ynsan bilen
Çagalarmyň kakasy diýe.
Muny duýmadam hiç kes.

Aramyzda gezen melekdi,
Mydam özgäň derdinde.
Hem gorkardy doýmakdan
Çagalaryn öňürdip.
Saçagyň bir cetinde,
Dadyp oturandyr tagamdan,
Hem iýýän ýalydyr daşyndan.
Şondan, hemmeden soň turar
Saçak başyndan.

Ýeke gezek özi üçin bir iş etdi,

Bir özüne, soňky deminde.
Düşündim ýylgyryşyndan,
Dodaklarnyň gyrasynda gizlenen.
Hem
Kirpikleriň ujunda
Bagtyýarlykdan bir nem.
Üç otagly öýli boldy düýşünde…
Hem oýanmady bu düýşünden soň enem…

Halyl Ybrahym ÖZBAÝ,
türk şahyry. Goşgular